# Baýram Han Türkmen




**(16-njy asyr Türkmen şahyry, filosofi hem döwlet adamsy)**

**Bilşimiz ýaly, gaty ir zamanlardan başlap dürli jeopolitiki şertlere görä, biziñ ata-babalarymyz dünýäniñ köp ýerlerine ýaýrapdyrlar. Olar, dünýä medeniýetiniñ gadymy ojaklarynyñ biri bolan Türkmenistanda gazanan tejribeleriniñ esasynda, baran ýurtlarynda uly döwletler gurup şol ýurtlaryñ medeniýetiniñ ösmegine örän uly goşant goşupdyrlar. Hut şonuñ üçin-de birnäçe halklaryñ etniki düzüminde hem-de edebiýatynda Türkmenleriñ yzyny aç-açan görüp bolýar. Meselem 14-nji ýüzýylda ýaşan tanymal şahsiýet „Seýit Emadeddin Nesiminiñ“ eserinde aşakdaky setirlere gabat gelýäris:**

**Arap nutgy dökülmişdir diliñden**

**Seni kimdir diýen kim Türkmen sen?**

**17-nji ýüzýylda Anadolyda ýaşan şahyr Garajaoglan şeýle diýýär:**

**Gozan dagyndan neslimiz,**

**Ary Türkmendir aslymyz,**

**Warakdyr durak ýerimiz,**

**Gurbat ilde ýar eglär meni.**

**Biz bu hakykaty 16-njy asyr Türkmen şahyry hem döwlet adamsy Muhammet Baýram Hanyñ ömür ýolunda-da görüp bilýäris. Bu taryhy şahsiýet hakynda, dürli çeşmelerde aşakdaky maglumatlara gabat gelýäri:**

**Muhammet Baýram han Türkmenleriñ Baharly taýpasyndan bolup, onuñ ata-babalary 1410-1468 ýyllarynda demirgazyk-günbatar Eýranda we günorta Azerbaýjanda uly döwlet guran Garagoýunly Türkmenlerinden bolupdyr. Baýram hanyñ atasy, ata-babalary Teýmurylaryñ döwrinde-de dürli yörişlerde batyrlyk we gaýduwsyzlyk görkezen söweş adamlar hökmünde tanalypdyr.**

**Muhammet Baýram han XVI. ýüzýylyñ başlarynda Badahşana göçüp baran Seýfaly begiñ maşgalasynda dünýä inipdir. Baýram ýaş wagtynda ýetim galýar. Olar Balha göçýärler. Baýram şol ýerde bilim alýar, ol ýaşlygyndan örän çakgan ýigit bolup, ata-babalarynyñ uruş hünärlerini-de gowy öwrenipdir. Muhammet Baýram han, Teýmuriler tarapyndan Hindistanda dikeldililip „Mogollar Imperiýasy“ ýa-da Hind teýmurileri, Hind Gurkanileri ýaly atlar bilen tanalan hökümetde (1526-1857) iñ beýik häkim we siýasy şahsiýet derejesine baryp ýetýär:**

**Muhammet Babyr (1483-1530) Teýmuriler urugynyñ görnükli hökümdarlarynyndan biridir hem-de şol döwrüñ tanymal şahyrlaryndan hasaplanýar. Ol Owganystany, Hindistany eýeläp, beýik Mogollar imperiýasynyñ düýbüni tutan adamdyr. Mogollar imperiýasynyñ yzyny Babyryñ ogly Humaýun (1508-1556), soñ**

**bolsa agtygy Ekber (1556-1605) alyp barypdyr. Mogollar hökümeti tä Hindistany Iñlisleriñ basyp alan döwrüne çenli dowam edýär.**

**Baýram özüniñ harby hünärleri, söweşlerde görkezen gahrymançylyklary, üstesine-de, öz pähim-parasatly baştutanlygy bilen şol hereketli döwürde uly rol oýnapdyr, onuñ orny gün-günden beýgelip, harby ýolbaşçy, soñ bolsa baş wezirlik derejesine çenli baryp ýetýär. Bu hakda, Baýram hanyñ diwanyny ilkinji gezek tapyp çapa taýýarlan gündogary öwreniji iñlis alymy D. Ross şeýle ýazýar: „Ol toplum ýyldyzlar ýaly şöhle saçýan adamlaryñ arasynda iñ şöhleli ýyldyzlaryñ biri bolup, Humaýun hem Ekberiñ köşkleriniñ üstüne ýalkymyny saçypdyr. Onuñ ady XVI. ýüzýylyñ birinji ýarymyny beýan edýän Hindistan taryhynyñ sahypalarynda uly orun tutýar“.**

**Muhammet Baýram diñe döwrüniñ harby hünärlerini oñat bilýänligi üçin şöhratlanman, başga birtopar ajaýyp gylyk-häsiýetleri we dürli sypatlary bilen-de tanymal adam bolupdyr. Baýram ýaşlyk ýyllaryndan başlap, saz-söhbeti gowy görüpdir hem-de saz sungatyny çuñdan öwrenipdir. G. Ŷ. Alyew özüniñ Baýram han hakyndaky monografiýasynda onuñ töwereginde köp sanly Türkmen şahyrlaryñ we ençeme edermen ýigitleriñ bolandygyny tassyklaýar.**

**Baýramýñ özi ynsan üçin zerur häsiýetlerden söz açyp: „Ŷaşuly adamlardan eşidenime görä, her bir ýigitde üç sany sypat bolmalydyr“ diýýär. Olar şeýle:**

1. **Häkimlriñ yanynda özüñi alyp barmagy başarmaly.**
2. **Garyp-gasarlaryñ göwnünden turup, olara duýgudaşlyk etmeli.**
3. **Alymlaryñ ýanynda aýtjak sözüñi bilip aýtmaly.**

**Gandhar we Serhintde gazanan uly ýeñişleri üçin, Humaýunşa öz goşun baştutany Baýram hana ägirt uly sylag-hormatlar edýär. Öñki edermenlikleri üçin „han“ adyna mynasyp bolan Baýrama bu söweşlerde görkezen gaýduwsyzlyklary üçin „hanlar hany“ diýen uly dereje berilýär.**

**Humaýunşa aradan çykyp, 1556-njy ýyldan ýaşajyk „Ekber“ tagta oturdylanda, hökümet işlerini hem goşun ýolbaşçylygyny Baýramýñ özi alyp barýar. Şonuñ ýaly-da Baýramy Ekberşaha „atalyk“ edip bellenýär.**

**Hanlar hany Baýram, goşun hem döwlet işlerini birýan ýüzli edip, tertibe salandan soñ, 1519-njy ýylda Humaýunyñ ýegeni Selime Soltan begime öýlenýär. Şeýlelikde, Baýram han häkimiýet başyndaky toparlar bilen garyndaşlyk aragatnaşygyny açýar. Emma Türkmen ýigidiniñ şa gyzyna öýlenmegiş käbir köşk adamlaryna ýaramandyr.**

**Mogollar imperiýasynyñ saraýynda dürli gapma-garşylyklaryñ hem oñuşmasyzlyklaryñ ýüze çykyp başlan şol döwürde, Baýramýñ duşmanlary onuñ garşysyna dürli şyltaklar, myjabatlar, töhmetler atmaga başlapdyrlar hem-de irmän-arman olary ýaş Ekberiñ gulagyna guýýarlar. Ŷaman-ýaşryklara, myş-myşlara ynanan ýaş häkim 1560-njy ýylda öz atalygy Baýram hana ýüzlenip, döwleti ýeke özüniñ dolandyrmak isleýändigini aýdýar. Şondan soñ onuñ garamagyndaky esasy goşuny**

**başga bir tarapa süýşirip, Baýramyñ ýanynda az sanly nöker goýýarlar, iñ soñunda-da 1562-nji ýylda, bir gün ertir namazyny okap durka Mübärek han atly bir haýyn ony arkasyndan habarsyz gelip pyçaklap öldürýär. Baýram hanyñ jesedi Dehlä eltilip, uly dabara bilen jaýlanýar, üstüne gümmez salynýar. 1578-nji ýylda Bayramyñ jesedini Maşada getirip jaýlapdyrlar.**

**Zamanasynyñ beýik goşunbaşlygy, pähimli filosof, ýiti zehinli şahyr Muhammet Baýram han XVI. ýüzýylda bütin Orta Asiýa, Horasan, Owganystan we Hindistan ýaly ýurtlaryñ medeniýetiniñ bir-biri bilen hyzmatdaşlyk esasda ösmegi üçin ägirt uly rol oýnan adamdyr. Ol türk, pars, hind dillerinde ýazan görnükli eserleri bilen, ýokarda agzalan we agzalmadyk birgiden halklaryñ özara gatnaşygyny berkitmek hem ebedileşdirmek ugrunda dostluk köprisiniñ ilkinji nawlaryny atypdyr.**

**Elimizdäki bar bolan golýazmalarda Bayram hanyñ esasy ulanan goşgy formalary gazal we rubagy (dörtleme) bolup, tematiki taýdan garalanda bolsa, olaryñ köpüsiniñ yşky-lirika degişlidigini bellemelidiris. Onuñ gahrymançylygy we aýry-aýry ýigitleri öwen goşgulary-da bar. Şahyryñ goşgularynda, ylaýta-da dörtlemelerinde (rubagylarynda) birtopar filosofik pikirlere-de duş gelýäris.**

**Baýram hanyñ ulanan dili, şol döwrüñ ýazuw edebiýatyna mahsus edebi dil bolupdyr. Onuñ türkçe eserinde Türkmen, Özbek, Gyrgyz, Garagalpak halklarynyñ ortak edebi dili bolan çagataý diliniñ elementleri esli derejede orun tutýar. Hut şonuñ üçin hem ol goşgylar, takmynan ýüzde ýetmişi arap sözlerinden düzülen deri-pars dilini bilýän Eýran hem Owganda ýaşaýan türkmenlere has düşnüklidir. Aşakda hormatly okyjylara parasatly şahyrymyzyñ goşgularyndan birnäçe nusga hödürleýäris.**

**Dörtleme (rubagy):**

**Bayramga bes garyplyk kär etdi,**

**Gurbat(1) any har-y, zar-u bimar(2) etdi,**

**Ŷa Reb(3), ki belalarga giriftar(4) olsun,**

**Her kim any gamlarga giriftar etdi.**

**********

**Göz röwşeni – ýary dilsitanym(5) baradur,**

**Jan gülşeniden serwi-rowanym baradur**

**Bu hassa eger galdy anyñ gullugynda,**

**Sen galmagyl, eý köñül, ki janym baradur.**

**********

**1- aýralyk 2- hassa, kesel 3- tañry 4- tutulmak, duwçar bolmak**

**5- göwnümi alan**

**Hijriñni hyýal kylmak müşgil(1),**

**Senden talab-y wysal kylmak müşgil,**

**Halymny saña arz kylaý diýedur men,**

**Emma saña arzy-hal kylmak müşgil.**

**********

**Bezmiñ(2) era ýüz sururym(3) bar idi,**

**Ruhsaryñ(4) ile gözümde nurym bar idi,**

**Älem gamydan hasyl idi gyýbaty-mähz(5),**

**Hasyl ki, wysalyñda huzurum bar idi.**

**********

**Sen bargaly kem emesdur, eý täze nahal!**

**Gözde nem-u hatyrda gam-u janda melal(6),**

**********

**Bu hal bile bolmasa umydy-wysal,**

**Ŷa reb, ki ne bolgaý idi meni-hastaga hal?**

**********

**1- kyn 2- bezm:oturyşyk, meýlis 3-surur: şatlyk 4- ýüz, keşp**

**5- mähz:arassa, dury, diñe. gyýbaty-mähz: arassa söýgi 6- gaýgy, ünji**

**Gazal:**

**Bara Sen**

**Peri ruh-a, ýene gaýta howa kylyp bara sen,**

**Ki telbelerni ajap binowa(1) kylyp bara sen.**

**Pygan ki ok kibi taşlap, ýyrak wysalyñdan,**

**Pyrak(2) elgide kaddymny ýaý kylyp bara sen.**

**1- garyp, ýoksul 2- aýralýk**

**Köñül synykdyr-u ýok takaty-jepa, liken,**
**Şikeste(1) köñlüme, jan-a, jepa kylyp bara sen.**

**Wysal döwletiden aýryp meni, wah kim,**
**Pyrak mähnetige mübtela kylyp bara sen.**

**Sapaýy-mejlisi-eşret seniñ huzuryñ idi,**
**Huzur mejlisini bisapa kylyp bara sen.**

**Bu töwr(2) kylmagyk, eý gül, wepa taryky(3) imes,**
**Ki bilbiliñni esiri-bela kylyp bara sen.**

**Baryp nigäriñni(4) ýüz söz ile tapyp, Baýram,**
**Pyrak hyrkatydan(5) otga ýakylyp bara sen.**

**Gyzyl**

**Lybasyn etgeli ol serwi hoş hyram(6) gyzyl,**
**Gözümni eýledi gan ýaş bile tamam gyzyl.**

**Peri ruýum(7) ýene ganly gözümde kyldy makam(8),**
**Ki husn ählige zyba durur makam gyzyl.**

**Mydam aryzy(9)-reññinligi çakyrdan emes,**
**Ki hiç ýüzni bu reñ eýlemes mydam gyzyl.**

**1- synyk, döwük 2- bu töwr: bu hili, munuñ ýaly 3- taryk: ýol, ugur**

**4- nigär: söýgüli 5- ýangyn, howur 6- ýöriş, gezelenç, hoşhyram: emaý bilen ýöremek 7- ruý: ýüz 8- orun, ýer 9- görüniş, ýüz, keşp**

**Egerçi husn-ählidir jamdan gyzyl,**

**Erur hemişe ýüzüñ äksi(1) birle jam gyzyl.**

**Bilip sipähr(2) gamyn, gan ýaşyn döker Baýram,**

**Şapak emes ki erur her namazy-şam(3) gyzyl.**

**1- äks: suwrat, öwüşgin 2- asman, pelek 3- agşam namazy çagy**

**B. Gerey, 2013 Maý**

**çeşmeler:**


1- **Mäti Kösäýew, Ruhy Alyýew „Baýram Han“ Aşgabat-1970**
2- **Mäti Kösäýew „Edebiýat Barada Söhbet“ Aşgabat-1972**
3- **„Türkmen Edebiýatynyñ Taryhy“ Türkmenistanyñ Ylymlar Akedemiýasy, I. tom, Aşgabat-1975**
4- **Nazar Gulla „Nesimi“ Aşgabat-1972**
5- **„Türkmen Sowet Ensiklopediýasy“ I. tom, Aşgabat-1974, S. 284-285**